# Türkmen hanlary

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Türkmen hanlary TÜRKMEN HANLARY




Owal az bolmandy türkmeniň hany,
Jan alyp jan beren il üçin bary.
Gylyç alyp ele, diýen “Galkynyň”.
Kyýat han,
Gowşut han,
Hanlar hany Nurberdi.
Eziz han…
Kim paýhasy bilen, kim gyljy bilen,
Ojagyny,
Saçagyny,
Gujagyny… gorapdyr.
Şeýdip her kim öz mesgenin sorapdyr.

Bir gysym topragy üçin watanyň,
Jan alyp, jan beren türkmen hanlary
Bir ýa iki däldi, köpdi sanlary.

Türkmeniň iň soňky hany Jüneýit,
Janyn orta goýdy ar-namys diýip.

“Watan ogullary Watana duşman”,
Diýseler ynanman, ynanmaň asla.
Ýöne siziň kimligiňize  düşünmän,

Gygyrypdyk öz wagtynda üýşenmän.
Biz ýady gorapdyk, sizi goraman,
Bu gün wagty geldi ötünç soramaň.

Kyýat han, Gowşut han–eý, beýik adam,
Size düşünen bar,
Bar eken nadan.
Törde bolmalyka siziň ornuňyz,
Bolmaz gysyk egniňiz!
O döwürler üçin etmäňler kine,
Beled-ä siz, bu gadymy türkmene.

Gerçek ogly az bolmandyr türkmeniň,
Guly bolan däldir türkmen her kimiň…

13.07.2007ý–19.08.2008ý. Goşgular